# Okamagyň peýdasy / makala

Category: Goşgular,Kitapcy,Publisisistika,Romanlar,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Okamagyň peýdasy / makala OKAMAGYÑ PEÝDASY

Kitap okamagyň peýdalydygy köp adamlar tarapyndan jedelsiz hakykat hökmünde kabul edilýär. Ýöne bu “jedelsiz hakykatyň” käbir takyklanmaly ýerleri bar.
1. Okamagyň peýdasy göz-görtele bolar ýaly, onuň “peýdalylygynyň” möçberini ölçemek örän kyn. Sebäbi kitap okamagyň peýdalydygy hakynda netijeleriň aglaba köpüsi, hakykat ýüzünde amala aşyrylan ylmy seljermelere däl-de, nazary-hyýaly (teoretiki-abstrakt) pikir ýöretmelere esaslanýar.
Müňkürlige endik edinen käbir adamlar çeper eser okamagyň, adaty durmuşda derdiňe ýarajak hiç hili ukyplary-başarnyklary bermeýändigini, gerekli maglumat bilen üpjün etmeýändigini, diňe hyýalbentligiňi ösdürýändigini belleýärler.

Aýdylanlara gyltyzrak dahylly bir anekdotam bar:

Biri beýlekisinden soraýar:
-Eger-de birdenkä adam aýagy sekmedik ada, ýeke özüň düşmeli bolsaň ýanyňa haýsy kitaplary alardyň?!
-Onore de Balzagy, Lew Tolstoýy, Ernest Hemingueýi, Fýodor Dostoýewskiýni, Çehowy, Puşkini, Gabriýel-Garsia Markesi, Marsel Prusty…
-Men bolsa ekerançylygy, maldarçylygy, ussaçylygy nädip alyp barmalydygy hakynda okuw kitaplaryny alardym. Onsoň sen-ä adam aýagy sekmedik adada açlygyňdan ölerdiň, menem hojalygymy gurnardym…

Ondan başga-da, käbir adamlar çeper eser okamak peýdaly bolmakdan-a beýle-de dursun, hatda zyýanly diýibem ykrar edýärler. Sebäbi çeper eserler adamy hakyky durmuşdan üzňeleşdirip, oýlanyp tapylan hyýaly dünýälere alyp gitmek bilen onuň adaty durmuşda ýaşamaga bolan ukybyny peseldýärmiş.

Bu barada-da bir anekdot bar:

Bir alym aýdýar:
-Kitap bu neşe. Sebäbi himiki usulda alnan sellýuzanyň (kagyzyň) ýüzüne tagmalanan himiki syýany okap başlaýarsyň-da, her dürli gallýusinasiýalary (gara basmaly şekilleri) başyňdan geçirip başlaýarsyň. Bu nämäni ýatladýar?!

2. Kitap okamak bilen bagly ikinji bir wajyp mesele bolsa, okalýan zadyň hiline degişlidir. Häzirki döwürde okyjylar Darýa Donsowanyň eserler ýygyndysyny tutuşlygyna okanyňdan A.Çehowyň gysgajyk hekaýajygyny okanyň has peýdaly bolar diýip hasap edýärler. Ýöne bu pikiri hem subut etmek iňňän müşgil bolup durýar.

Şeýlelikde, kitap okamagyň, esasanam çeper eser okamagyň nähili peýdasynyň bardygyny dürli ýurtlarda geçirilen ylmy-seljermeleriň netijelerine esaslanyp anyklamaga synanyşjak bolup göreliň.

Mälim bolşy ýaly, Şygryýet – edebiýatyň melikesi, kyssa onuň janpenasy, beýleki žanrlar bolsa onuň kenizleridir-sadyklary hasaplanýar. Şoňa görä-de okamagyň peýdasy baradaky gürrüňi Şygryýetden başlalyň. Liwerpul uniwersitetiniň alymlary Şekspiriň, Eliotyň hem-de beýleki meşhur şahyrlaryň şygyrlaryny okaýan wagtlarynda gözegçilik edilýänleriň beýnisiniň işjeňligini ölçäpdirler. Şonda-da şygyr okamaklygyň okyjynyň beýnisini ýokary derejede gyjyndyrylan ýagdaýa getirýändigini, beýniniň bu ýagdaýynyň şygyr okalmagynyň bes edilenden soň hem saklanyp galýandygyny anyklapdyrlar. Esasanam, şygyr okanlarynda gözegçilik edilýänleriň beýnisiniň awtobiografiki hakydasy bilen bagly zolaklarynyň has işjeňleşýändigi ýüze çykarylypdyr. Ondan soňra alymlar öz ylmy barlaglaryny dowam etdirip, okalan goşgulary öz sözleri bilen beýan edip görüpdirler. Emma, goşgularyň “öz sözleri” bilen beýan edilmegi gözegçilik edilýänleriň beýnisiniň işjeňligine hiç hili täsir etmändir.
Şonuň ýaly-da Atlanta şäherindäki Emori uniwersitetiniň

alymlary, her gün Robert Harrisiň “Pompeýler” atly meşhur taryhy trilleriniň 30 sahypasyny okaýan 12 sany talybyň beýnisiniň magnit-rezonans tomografiýasyny (MRT) geçiripdirler. Geçirilen MRT barlagy okamagyň seljerilýänleriň beýnisiniň gabygynyň çep çekge böleginde ýokary derejedäki işjeňligi emele getirýändigini anyklapdyrlar. Beýniniň bu bölegi bolsa, beýniniň merkezi gasynyndaky adamyň gepleýiş ukyby, aň ýetiriş (kognitiw) başarnyklary hem-de syzyş-hereket ediş işjeňligi bilen baglydyr. Çeper eseri okamagyň bu täsiri seljerilýänleriň beýnisinde olar okamagy bes edenlerinden ep-esli wagt soň hem saklanmagyny dowam edipdir.
Şonuň ýaly-da alymlar, şol seljermäniň netijesinde okyjylaryň çeper eser okamaklarynyň dowamynda “beden semantizasiýasynyň” tejribesini hem başyndan geçirýändiklerini anyklapdyrlar. Ýagny, çeper eserde beýan edilen ol ýa-da beýleki hereketler barada oýlanylanda hem-de olar hyýalda janlandyrylanda beýnidäki neýronal arabaglanyşyklaryň täze şekili emele gelýär ekeni. Mysal üçin, çeper eserde beýan edilen gahrymanyň ýüzmegi hakynda oýlanýan we onuň ýerine özüni göz öňüne getirýän okyjynyň beýnisinde onuň öz bedeni bilen ýüzendäki ýaly neýron arabaglanyşyklar emele gelýär.
Oksford uniwersitetiniň hünärmenleri hem MRT-ni ulanmak bilen degişli barlag geçirenlerinde, çeper eser okaýan adamyň beýnisinde ol beýan edilýän wakalary edil öz gözi bilen görendäki ýaly neýron arabaglanyşyklaryň emele gelýändigini anyklapdyrlar. Oksford uniwersitetiniň professory Jon Steýn bu barada şeýle belläpdir: “Biz kitap okanymyzda onda beýan edilýän wakalaryň içine şeýlebir girýäris welin, biziň beýnimiz ol wakalara edil biz hakykat ýüzünde gatnaşýan ýaly seslenýär. Başgaça aýdylanda: “Okyjy müň ömüri ýaşaýar” diýilýän aýtgy hakykatdan beýlebir daşda däldir”.
Ýöne, okyjynyň beýnisine şunuň ýaly täsir etmek üçin çeper eser ilkinji nobatda gyzykly hem özüneçekiji bolmaly.
Okyja tersine täsir edýän käbir kitaplar barada bolsa şu aşakdaky heneklerde aýdylýar:

Biri beýlekisinden soraýar:

-Täze okan kitabyň nähili ekeni?!
-Adam ýaly!-diýip gysgajyk jogap berýär.
-O nähili?!
-Onda-da edil adamdaky ýaly 90%-i suw…

Filologiýa fakultetiniň iki sany talyby ekzameniň öň ýanynda otagda kitap okaýarlar. Biri beýlekisine gözüniň gyýtagyny aýlaýar-da, aýdýar:
-Dost, näme okaýaň-aý?!
-Diliň morfologiýasy we sintaksisi.
-Onda näme ony, dikbaşaşak tutup ýatyrsyň?!
-Tapawudy näme-aý?! Düzüw tutup okanymda-da meniň üçin-ä şol bir zat…

2008-nji ýylda bolsa, Dýuk uniwersitetiniň ylmy işgärleri, okamagyň çakdan aşa semremekligi bejermek üçin hem ulanyp boljakdygyny ýüze çykarypdyrlar. Olar çakdan aşa semremekden ejir çekýän, 9 ýaşdan 13 ýaş aralykdaky 30 sany gyzjagaza gözegçilik edipdirler. Olaryň käbirlerine, çakdan aşa semiz bolandygy sebäpli öz-özünden göwni geçgin, şol sebäpli-de tizräk horlanmak üçin jepa çekýän gyzjagaz hakynda ýazylan “Halasgär köl” atly romany okamagy teklip edipdirler.
Gözegçilik edilýänleriň ikinji topary, şeýle gahryman bolmadyk, ylmy barlagyň ugruna düýbünden degişli däl başga çeper eseri okapdyr.
Üçünji topar bolsa hiç hili çeper eser okamandyr.
Ylmy seljermäniň ahyrynda ölçäp görenlerinde “Halasgär köl” romanyny okan topardaky gyzjagazlaryň horlanmagynyň derejesi 2-nji we 3-nji topardakylaryňkydan iki esse ýokary bolupdyr.

Bu barada-da bir anekdot bar:

Kitap dükanyna bir çişik adam barýar-da, satyjydan soraýar:
-Gadyrdan maňa haýsy kitaby okamagy maslahat berersiňiz?!
Satyjy gülmän-yşman jogap berýär:
-Jýul Wern. “Dünýäniň daşyndan 80 günde”.

Şonuň ýaly-da, aglaba köpüsi Fransiýadan bolan alymlaryň

Stanislas Deýeneniň ýolbaşçylygyndaky topary MRT-niň kömegi bilen adamlaryň üç toparynyň beýnisiniň işjeňligini deňeşdiripdirler:

1. Sowatsyzlaryň;
2. Uly ýaşda sowat öwrenenleriň;
3. Adaty, çagalykda sowat öwrenenleriň.

Geçirilen deňeşdirme-seljermesiniň netijesinde sowatly adamyň ýazgyny (teksti) saýgaryp (görüp) başlan badyna, onuň kelle beýnisiniň gabygynyň görüş zolagynyň işjeňlik bilen herekete girýändigi, beýnisiniň ses maglumatlarynyň seljerilmegine jogap berýän bölekleriniň has işjeňleşýändigi we beýnisiniň beýleki birnäçe merkezleriniň hem birwagtyň özünde herekete girýändigi anyklanypdyr. Ondan başga-da, alymlar, dilden aýdylýan maglumaty sowatly adamyň beýnisiniň sowatsyz adamyň beýnisine garanyňda has çalt kabul edip, has tiz özleşdirýändigini anyklapdyrlar.

Stenford uniwersitetiniň hünärmenleri, edebiýat ylymlaryň kandidatlarynyň toparyna MRT enjamynyň içinde Jeýn Ostiniň romanyny okamagy haýyş edipdirler. Gözegçilik edilýänler romany dürli usullarda okapdyrlar. Ilki olar romany “mesaýy”, keýpine okapdyrlar. Soň romany hünärmen hökmünde seljerip okapdyrlar. Geçirilen seljermäniň netijesinde çeper eseri ylmy taýdan seljerip okamak üçin beýniniň öň herekete girmeýän çylşyrymly aň ýetiriş (kognitiw) böleklerini işledilýändigi anyklanypdyr. Ylmy taýdan seljerilip okalanda beýniniň işjeňliginiň görnüşleri çürt-kesik üýtgäp, kelle beýnisindäki gan dolanyşygy hem has ýygjamlaşýan ekeni.

Neýrofiziolog Dewid Lýuis öz kärdeşleri bilen, adamyň lapykeç-howsalaly (stress) ýagdaýyny aýyrmaklyga durmuşy işjeňligiň dürli görnüşleriniň ýetirýän täsirini öwrenipdir. Geçirilen seljermeleriň netijesinde stresi aýyrmagyň iň netijeli serişdesiniň çeper eser okamakdygy anyklanypdyr. Çeper eseri alty minut okamak adamyň dartylyp duran damarlaryny, dokumalaryny gowşatmaga, ýüreginiň urşuny kadalaşdyrmaga ýeterlik bolupdyr. Öwrenilen usullaryň arasynda çeper eser okamak saz diňlemek, çaý ýa-da kofe içmek, seýil etmek ýaly rahatlandyryjy (relaksasiýa) usullaryndan ozdurypdyr.

Tuluza uniwersitetiniň alymlary bolsa, geçiren seljermeleriniň esasynda, nahar iýýän wagtyň kitap okamagyň zyýanlydygyny inkär edýän netijeleri alypdyrlar. Olaryň ykrar etmegine görä, saçagyň başynda kitap okaýan adamlaryň aşgazany, telewizora tomaşa edip garynlaryny gözeýänleriň aşgazanyna garanyňda iýmiti has gowy we çalt özleşdirýär. Sebäbi okaýan adam iýýän zadyny has haýal çeýneýär. Şol sebäpli-de iýmit okyjynyň aşgazanyna has ownuk görnüşde baryp düşýär we iýmit siňdiriji ulgam tarapyndan çalt eredilýär.
Nýunberg akademiýasynyň hünärmenleri bolsa, hajathanada kitap okamagyň hem peýdalydygyny anyklapdyrlar. Çünki, kitap okamak wajyp tebigy iş bilen meşgul bolýan adamyň öz edýän işinden ünsüni sowýarmyş we şonuň netijesinde-de adam öz işini has oňat ýerine ýetirýärmiş. Şoňa görä-de seljermäni geçirenler görkezilen nokatlarda jaýlaşanlaryndan soň adamlara has jygba-jygly detektiwleri ýa-da içalylyk romanlaryny okamagy maslahat berýärler.
Ondan başga-da Ýagşyzada Patrigiň hassahanasynyň ýanyndaky eýakulýator patologiýasy barlaghanasynyň hünärmenleri jynsy gatnaşyk wagtynda-da okamagyň iňňän uly peýdasynyň bardygyny kesgitläpdirler. Olaryň geçiren barlaglaryna görä, jynsy gatnaşyk wagtynda differensial deňlemeler boýunça matematika kitabyny okamak gatnaşygyň dowamlylygynyň üzül-kesil artmagyna getirýän ekeni.
Ýöne, kitap okamagyň durmuşda peýdasynyň başga hiç bir zat bilen deňeşdirip bolmajak derejede ululygyny bolsa, Russiýa Federasiýasynyň Nowosibirsk şäheriniň polisiýa işgärleri 2017-nji ýylyň fewralynda bolan wakanyň esasynda, durmuş ýüzünde anyklap beripdirler. Gijeki wagtda köçeden barýan ýigdiň üstüne hüjüm eden garakçy elindäki sapança bilen ony atanda, gülle onuň gursak jübüsindäki kitaba çümüp, ony deşip bilmän galypdyr.

Çeşmesi: https://animedia-company.cz/use-of-reading-blog/
Publisistika